**Türkmenistanyň Statistika**
**baradaky döwlet komitetiniň**
**2023-nji ýylyň 30-njy oktýabryndaky**
**№ 90-Ö buýrugy bilen tassyklanyldy**

**№ 1-st “Maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalarynyň ulanylyşy barada hasabat (ýyllyk)” döwlet statistik hasabatlylygyň formasyny doldurmak boýunça**

# GOLLANMA

№ 1-st “Maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalarynyň ulanylyşy barada hasabat” (ýyllyk) formasy boýunça döwlet statistik hasabaty Aşgabat şäher, Arkadag şäher we welaýatlaryň häkimlikleri ýerleşýän ýerindäki statistika müdürliklerine, ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary, banklar, jemgyýetçilik guramalary Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetine formanyň salgy böleginde görkezilen salga we bellenen möhletde tabşyrýarlar.

**Adalgalar we kesgitlemeler:**

Maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalary (HKT) – bu onuň ulanyjylarynyň bähbitleri üçin maglumatlary ýygnamak, işläp taýýarlamak, saklamak, ýaýratmak, görkezmek we ulanmak maksady bilen birleşdirilen (integrirlenen) usullaryň, önümçilik prosessleriniň we programma-tehniki serişdeleriň jemidir.

Internet – ulanyjylara köp sanly maglumat we işewürlik-resurslaryna we elektron poçta girmek mümkinçiligini berýän bütindünýä maglumat ulgamydyr, onuň bölekleri ýeke-täk salgy giňişligi arkaly biri-biri bilen baglanandyr.

Serwer – maglumat ulgamlarynda maglumatlary alyşmak maksady bilen öz gulluklaryna we resurslaryna uzakdan girmegi üpjün edýän kompýuter ýa-da programma ulgamy.

IT-hünärmenler – bu maglumat tehnologiýalary çygryndaky bölümleriň we müdirlikleriň işgärleri we hünärmenler: programmist, ulgam arhitektory, maglumat ulgamlary boýunça hünärmen, maglumatlar binýadynyň administratory we ş.m.

## 1 Bölüm MAGLUMAT-KOMMUNIKASIÝA TEHNOLOGIÝALARY BILEN BAGLY ESASY GÖRKEZIJILER

01 setirde işgärleriň sanawy boýunça ortaça sany görkezilýär.
02 setirde IT hünärmenleriň sany görkezilýär.
03 setirde ýylyň ahyryna şahsy kompýuterleriň sany görkezilýär.
04 setirde ýylyň ahyryna şahsy kompýuterleriň umumy sanyndan stasionar kompýuterleriň sany görkezilýär.
05 setirde ýylyň ahyryna şahsy kompýuterleriň umumy sanyndan noutbuklaryň sany görkezilýär
06 setirde ýylyň ahyryna şahsy kompýuterleriň umumy sanyndan beýleki ykjam şahsy kompýuterleriň sany görkezilýär (netbuklar, planşetler we ş.m.).
07 setirde ýylyň ahyryna serwerleriň sany görkezilýär.
08 setirde ýylyň ahyryna ulgama birikdirilen ulanyjylaryň sany görkezilýär.
09 setirde ýylyň ahyryna Internet ulgamyna birikdirilen ulanyjylaryň sany görkezilýär.
10 setirde ýylyň ahyryna Web-saýtlarynyň sany görkezilýär.

11 setirde ýylyň ahyryna optiki-süýümli ulgamyň uzynlygy görkezilýär.

**2 Bölüm. Satyn alnan maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalarynyň serişdeleri we programma üpjünçilikleri**

01 setirde ýylda satyn alnan şahsy kompýuterleriň umumy sany görkezilýär.
02 setirde ýylda satyn alnan şahsy kompýuterleriň umumy sanyndan stasionar kompýuterleriň sany görkezilýär.
03 setirde ýylda satyn alnan şahsy kompýuterleriň umumy sanyndan noubuklaryň sany görkezilýär.
04 setirde ýylda satyn alnan şahsy kompýuterleriň umumy sanyndan beýleki ykjam şahsy kompýuterleriň sany görkezilýär (netbuklar, planşetler we ş.m.).
05 setirde ýylda satyn alnan guramaçylyk – tehniki serişdeleriň (printerler, skanerler we ş.m.) sany görkezilýär.
06 setirde kärhananyň satyn alan programma üpjünçilikleriniň sany görkezilýär.
1 sütünde kärhananyň ýylda täze satyn alnan maglumat - kommunikasiýa tehnologiýalarynyň we programma üpjünçilikleriniň sany görkezilýär.

**3 Bölüm.**
**Maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalarynyň serişdelerini ösdürmek we peýdalanmak üçin çykdajylar**

01 setirde ýylda MKT serişdelerini ösdürmek we peýdalanmak üçin çykdajylar görkezilýär.
02 setirde şahsy kompýuterleri satyn almak üçin çykdajylar görkezilýär.
03 setirde şahsy kompýuterleriň umumy sanyndan stasionar kompýuterleri satyn almak üçin çykdajylar görkezilýär.
04 setirde şahsy kompýuterleriň umumy sanyndan noubuklary satyn almak üçin çykdajylar görkezilýär.
05 setirde şahsy kompýuterleriň umumy sanyndan beýleki ykjam şahsy kompýuterleri satyn almak üçin çykdajylar görkezilýär (netbuklar, planşetler we ş.m.).
06 setirde guramaçylyk – tehniki serişdelerini (printerler, skanerler we ş.m.) üçin satyn almak üçin çykdajylar görkezilýär.
07 setirde programma üpjünçiliklerini satyn almak üçin çykdajylar görkezilýär.
08 setirde işgärleri okatmak üçin çykdajylar görkezilýär.
09 setirde Ýerine ýetirilen tehniki hyzmat üçin çykdajylar görkezilýär (täze programma üpjünçiliklerini gurnamak we olary dolandyrmak, tehniki näsazlyklary aradan aýyrmak, bejergi işleri, wideokameralary gurnamak we ş.m).
10 setirde MKT-nyň gaýry çykdajylary görkezilýär (mysal üçin, kompýuterleriň, noutbuklaryň, planşetleriň, printerleriň we ş.m. bejergi işleri üçin niýetlenen şaýlar)

Söwdanyň, ulagyň we aragatnaşygyň statistikasy müdirligi